# Rewolýusiýa

Category: Goşgular,Kitapcy
написано kitapcy | 24 января, 2025
Rewolýusiýa REWOLÝUSIÝA

Ýigriminji asyrdy,
On ýedinji ýyl.
Al baýdaklar – pasyrdy,
Köçelerde – il.

Gerbi orak-çekiçdi,
Deňlik isleýä.
Bu gün köçä çykypdy
Rewolýusiýa!

Ýok. Birden,
bir ýerden döremedi ol.
Ol adam deý ilki dogdy, ulaldy,
Ony gömdülerem ýedi gat ýere,
Ol bolsa ýedi gat asmana galdy.

Çümdi şahtalaryň sowuk çuňlugna,
Söýdi garyplary – kowmy känleri.
Kyn günleri içlerini dökdüler
Oňa Sileziýaň dokmaçylary,
Oňa Fransiýanyň kommunarlary.

Ol köne dünýäniň örkün sarsdyran
Bir äpet wulkandy, bir belent ýaňdy.
Marksyň maksady jem boldy onda,
Leniniň genisi ruhuňa siňdi.

Ol Uralda uruldy,
Ol Uralda ulaldy.
Ol Sibire sürüldi,
Ol Sibirde süýreldi.

Onuň elin zynjyrlap, sowuk türmä atdylar,

Emma bir gün Piteriň awodyndan tapdylar.
Ony öldürmek üçin müň bir çäre gördüler.
Emma ähli çäreler oňa dermandy derman.

Belki, beýik Rewolýusiýa –
Rewolýusiýa bolmazdy,
Urallarda urulman,
Sibirlerde süýrelmän.

Gurbannazar EZIZOW.

«Edebivat we sungat» gazeti, 1977 ý. Goşgular